# ÝEWROPA SAZLAŞYGY” (LE CONCERT EUROPEANS)

Hakykatdan hem, Wena Kongresinden soň bu Kongrese uly döwletler (Russiýa, Awstriýa, Prusýa, Angliýa, we Fransiýa), XIX asyryň dowamynda duşuşuklar geçiripdirler, bu duşuşyklarahem “Ýewropa Sazlaşygy” diýilipdir.

Waterloo söweşinden soň Awstriýanyň Premýer Ministri Metternich, Ýewropada asudalygy üpjin etmek we goraglylygyňesasy şerti hökmünde hökümdarlaryň bilelikde hereket etmeleriwe muny üpjün etmek maksady bilen bir mehanizmiň emele getirilmeginimakulgörüpdir. Napoleony ýeňen “Ýewropa Sazlaşygy”, Napoleon howpy aradan aýrylandan soň hem barlygyny dowam etdirmeli we Ýewropanyň duş geljekumumy meseleleriniwe dawalarynyçözmelidir. “Ýewropa Sazlaşygy”nukdaýnazarynyň durmuşa geçirilmeginiňesasy ýoly, wagtal-wagtal ýygnanşylyp,uly döwletleriň wekillerinden emele gelen Kongresler geçirmekdir.

Bu ýygnanşyklaryňilkinjisi 1818-nji ýylda geçirilenAix-la Chapelle Kongresidir. Bu Kongres, uly döwletleriň Ýewropa işlerini maslahatlaşmak ýoly bilen çözüp bilmek üçin, urşy göz öňünde tutmaýan we asuda döwürde geçirilen ilkinji halkara kongresdir. Aslynda, bu Kongres urşuň emelegetiren meseleleriniň çözülmegiüçin geçirilýärdi; şeýle-de diplomatik merkez topary, materik meseleleri bu ýerde çözülmelidir. Bu waka halkara syýasy guramalary emele getirmägetäze bir ädim bolupdyr.

Aix-la Chapelleden soň, “Ýewropa Sazlaşygy” sistemasynda ýer alan başga möhüm Kongresler şulardy: 1820-nji ýyl Troppau, 1821-nji ýyl Laibach, 1822-nji ýyl Verona, 1856-njy ýyl Pariž, 1878-nji ýyl Berlin, 1906-njy ýyl Algesiras we Balkan söweşlerinden soň geçirilen 1912-nji ýylda London we 1913-nji ýyldaky Bucharest Kongresleridir.

XIX asyrda geçirilen bu Kongres we Konferensiýalaryň esasyhäsiýeti“Uly-döwlet diplomatiýasyny” görkezýän kongres we konferensiýalar bolmalarydy. Bu kongreslerde kararlar,adatça, kiçi döwletleriň hem gatnaşan umumy dolandyryş halyndaky ýygnaklarda däl-de, uly döwlet wekilleriniň öz aralarynda geçirýän resmidäl häsiýetdäki duşuşyklarynda ara alyp maslahatlaşmak arkalykabul edilýärdi we uly döwletler ähli temalarda karar kabul etmek hukugyna eýediler.

“Ýewropa Sazlaşygy” Ýewropanyň uly döwletleriniöz içine alan aýratyn duşuşyk häsiýetindedir. Bu jemgyýetiň agzalary, Ýewropa döwletleriniň arasyndaky gatnaşyklary tertipleşdirme wezipesini özleri üçin bir hukuk hökmünde görýärdiler. Bu sebäpli, “Ýewropa Sazlaşygy” hakykatda “uly döwletleriň sazlaşygyndan” başga bir zat däldi.

Kongresler sistemasy, Ýewropanyň uly döwletleriniň wagtal-wagtal bir ýere ýygnanyp, öz aralaryndaky umumy meselelerini çözenwe sebitde güýç deňagramlylygyny üpjün

Все права защищены

edendöwri üstünlik gazanypdyr we parahatçylygyň goranmasyna uly goşant goşupdyr. Meselem, şular ýaly kongreslerde gulçulygyň ýok edilmegi,Tunada gämiçilgiň emele gelmegiwe häkimlik ýaly meseleleriara alyp maslahatlaşypdyrlar. Ýöne bu sistema ynamlyBirleşik maksatlaryna hyzmat edişi ýaly Ýewropada rahatlygy we abadançylygy bozujy bir element bolupdyr. “Ýewropa Sazlaşygy”, gitdigiçe rewolýusiýa garşy bir gala görnüşine öwrülipdir we döwletleriň içeri işlerine goşulmak üçin bir sebäp bolup ulanylmaga başlanypdyr. Şeýlelikde, bu sistemanyň hem başdaky,ýagny döredilme maksady üýtgedilipdir.

**Süleýman AMANOW**

**Halkara Ynsanperwer Ylymlary we Ösüş**

**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены